

# Magtymguly

## — Gündogaryň beýik akyldary

TÜRKMENISTANYŇ BILIM MINISTRLIGI

DÖWLETMÄMMET AZADY ADYNDAKY
TÜRKMEN MILLI DÜNÝÄ DILLERI INSTITUTY

# «MAGTYMGULY – GÜNDOGARYŇ BEÝIK AKYLDARY»

atly ylmy-amaly maslahatyň nutuklarynyň gysgaça beýany
2024-nji ýylyň 8-nji fewraly

Aşgabat
Türkmen döwlet neşirýat gullugy
2024

Mahal-mahal uzyn gije dümtünip,
Ahyr ýetenimde halasgär daňa.
Eý, Pyragy, saňa sorag berýärin:
«Senden daşlaşýanmy? Barýanmy saňa?»

Magtymguly Pyragynyň hem-de Gurbannazar Ezizowyň eserlerinde umman ýaly pikirler bar. Şol çuňňur oý-pikirleri sada, halk diline ýakyn, düşnükli dilde beýan etmek, elbetde, ussadyň işi. Şeýle ussatlygy bolsa bu iki edebiýat ägirtleriniň mysalynda görmek bolýar.

**Täzegül KULJIKOWA,**
*Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň*
*Halkara gatnaşyklary institutynyň mugallymy*

## ŞYGYR SUNGATYNYŇ ALMAZ TÄJI

Türkmen edebiýatyny öwreniş ylmynda Magtymguly Pyragynyň durmuş we döredijilik ýoluny ylmy esasda öwrenmekde ep-esli işler edildi. Bütin ömrüni halkyň hyzmatynda geçiren Magtymgulynyň döredijilik älemi baý we her taraplaýyndyr. XVIII asyr türkmen durmuşy, taryhy we syýasy wakalar, türkmen topragyna bolan çäksiz söýgi, özüni kemala getiren halka bolan yssy mähir, döwrüň sosial meseleleri, tebigat gözelligi, ahlak arassalygy, söýgi tämizligi... bularyň hemmesi şahyryň döredijiliginde orun alypdyr.

XVIII asyr türkmen edebiýatynda uly özgerişligi amala aşyran Pyragynyň döredijiligi geljekki şahyrlar üçin özboluşly mekdebe öwrülipdir. XIX asyr we ondan soňky döwür türkmen edebiýatynyň wekilleri Magtymguludan edebiýaty halka ýakynlaşdyrmagy, halkyň dil baýlygyny özleşdirmegi öwrenipdirler. Şahyryň döredijiligi diňe bir tema baýlygy bilen tapawutlanman, eýsem, çeperçilik tärleriniň ulanylyşy, her sözüň ylham eleginde elenip, obraza eýlenişi jähetden hem haýran galarlyklydyr. Gündogaryň beýik akyldary, danasy Magtymguly Pyragynyň edebi mirasy diňe bir türkmen edebiýatyny däl, eýsem, türkmen dilini her taraplaýyn öwrenmekde hem iňňän ähmiýetli genji-hazynadyr. Çünki şahyr şygyr düzüliş sungatynda-da, söz ulanylyş sungatynda-da beýik ussat hökmünde tanalýar.

Magtymguly, sözüň bilene sözdür,
Bilmegen adama gury owazdyr...

Aryf gadryn bilmez duzsuz-nadanlar...

Magtymguly halka bahasyz hazynany miras galdyrypdyr. Şahyryň bu hazynasyny – edebi mirasyny bir ýere toplamak we ylmy esasda öwrenmek edebiýatçylaryň, dilçileriň, magtymgulyşynaslaryň, taryhçylaryň, alymlaryň wajyp wezipeleriniň biridir.

**Ogulaý JUMAÝEWA,**
*Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň mugallymy*

## ŞYGRYÝET BOSSANYNYŇ PAÝHAS ÇEMENI

Magtymguly Pyragy sözüň egsilmez güýji we gudraty bilen şygryýet äleminde ady Arşa galyp, milli derejä göterilen akyldar şahyrdyr. Muny şahyr Ahmet Mämmedowyň: «Magtymgulynyň döredijiliginiň bir tarapyndan baryp synlasaň, aňyrky başy has owadan görünýär-de, ol hazynanyň haýsy gyrasyndan girjegiňi bilmänem esli wagtyňy gidirýäň. Ýöne wagtyň gideni bilen seniň ýitirjek zadyň ýokdur. Sebäbi ol şygryýet bossanlygynyň islendik gyrasyndan bir ömre ýeterlik paýhas çemenini bogup bolýar» diýen pikirleri hem doly tassyklaýar.

Magtymguly Pyragynyň şygryýet mirasy haýsy babatda alnanda-da bahasyz gymmatlykdyr. Onuň çeper sözi täsirleýji güýje eýläp ýüreklere ýetirmekdäki mekdeplik ýoly bar. Ussadyň diňe halk döredijiligini, nakyllary we beýlekileri peýdalanyşy, olaryň halkyň sözleýiş diline siňip gidişi barada geçen asyryň tutuş dowamynda ýazylan onlarça ylmy işlerden çen tutanyňda, Magtymgulynyň dünýäsiniň näderejede köpöwüşginli we köp taraplydygyndan habar berýär.

Magtymguly Pyragy öz şygyrlarynda terbiýeçilik ähmiýetli nakyllary saýlap-seçip almagy, olardan başarjaňlyk bilen peýdalanmagy başaran söz ussadydyr. Halk dilinde pähim-paýhasa ýugrulan nakyllaryň, atalar sözüniň adamlaryň durmuşynda has çuň mana eýe bolmagynda Magtymguly Pyragynyň bitiren hyzmaty uludyr. Adamlara ýagşy bilen ýamany, mert bilen namardy, akmak bilen akyllyny, günäli bilen günäsizi saýgarmaga, durmuşda ýol-ýörelge edinmäge kömek edýän halk nakyllarydyr atalar sözüni gysga, ýygjam manyly goşgy setirlerine salmagy başarypdyr.

Akyldar şahyryň:

Bisabyr gul tiz ýolugar belaga,
Sabyrly gul dura-dura şat bolar.